# Sargyt

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sargyt SARGYT

“Söýýän, köýýän, ölýän” diýip ýazanmyň,
Bilýärin bir tüýsli gödekdigini.
Meniň bu sözlerme gabarlyp-çişip,
Unudaýma birden edepliligňi.

Owadan kamatyň, zülpleriň towy,
Ýatlatmasyn maňa hile-aldawy.
Hökman-a däl welin, eşitseň gowy,
Biz ýaly jübütleň seýrekdigini.

Söýginiň ýükünden ejizdir gerden,
Hijran hesretini getirme birden.
Hiç haçan, hiç ýerde çykarma serden,
Tutuş ykbalyma gerekdigiňi.

Ýanyma gel, gaýgy-hasrata batma,
Ýagşy niýet, arzuwlarňy ownatma.
Sen meni ýaşadýaň, hergiz unutma,
Gursagymda duran ýürekdigiňi.

Azymberdi KAKAÝEW. Goşgular